# Eşekler nämüçin eşek?..

Category: Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Eşekler nämüçin eşek?.. EŞEKLER NÄMÜÇIN EŞEK?..




Jogap tapmasañyz tebigata göz aýlañ…
Tebigat size hakykaty aýdyp berer…
Tebigat prinsipialdyr… Dürsdür…
Jöwen ekeniñizde asla hyýar çykaryp bermez…
* * *

Keýikler… arylar… balyklar…
Möjeg-ä möjekdir, guşam – guş…
Näme bolup doglan bolsañ – şo bolubam ýaşarsyñ…
Ne-hä belkanyñ tüýsünde guş bar, ne-de möjegiñ tüýsünde şagal…

* * *

Tebigat size asla ýalan sözlemeýär…
Oduñ ýakýandygyny, garyñ doñdurýandygyny, tikeniñ batýandygyny, batgalygyñ ýuwdýandygyny, ýagyşyñ ezýändigini bilýäñiz…
Tebigat mertdir…

* * *

Tebigat akyllydyr…
Romaşka sowukda güllemeýär…
Derekler baharyñ gelerine garaşýar…
Ne balyklar gury ýerde gezjek bolýar, ne garlawaçlar gyşda demirgazyga, ne-de leglek yssy howada günorta uçýar…

Durnalar iñ akyllylarynyñ yzyna düzülip, belki-de, heniz görmedik belent-belent daglaryny aşyp, jülgeleri, deñizleri geçip, adam oglunyñ kompassyz, kartasyz tapyp bilmejek ýaşyl ýaýlalaryny ýalñyşman-zat etmän tapýarlar… Iñ öñdäki akylly durnanyñ yzy bilen…
Tebigatda hiç bir janly-jandar iñ akylsyzynyñ yzyna düşmeýär…

* * *

Tebigat barlyşyksyzdyr…
Ne derýalar daglara ýeñilýär, ne agaçlar şemala…
Ýyldyrym çakmalymy – çakýar…
Ýer ýarylmalymy – ýarylýar…
Harasat gopmalymy – gopýar…

* * *

Tebigatda güýçli bolmagyñ buýsanjy bar…
Başy garly dag, ýolbars, bürgüt…
Ýa bir delfin, ýa bir çekirtge…
Garynja-da öz güýjüni erkinliginden alýar…

* * *

«Hany, **eşekler** bu ýazgynyñ niresinde?» diýmegiñiz mümkin…
Menem şony diýýän-dä…
Hany munuñ eşegi?..

Bekir JOŞKUN.

«SÖZCÜ» gazeti, 13.07.2014 ý. Oýlanmalar